# Sary ýaprak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sary ýaprak SARY ÝAPRAK




Pyntyk ýardyň, begendiler,
Ýaprak bolup saýa saldyň.
Alkyş okap, eglendiler,
Gözellikde göge galdyň.
Güýz şemaly öwseninde,
Gamgyn halda gaýyp düşdüň,
Ykbalymyz meňzeş beýle,
Ýürekdeşiň, maňa duşduň!

Birden beýle öwrümlere,
Döz gelmeklik dagdan agyr.
Köňüldäki hasratymyz,
Gaýnaýandyr bygyr-bygyr.

Göwnüň göter, dolanarsyň,

Ýene ýazlar geleninde.
Asla razy bolmazdyg-a…
Keç ykbaly bilenmizde.

Oguljennet NAZAROWA. Akdepe etraby. Goşgular